# СОГЛАШЕНИЕ
## о сотрудничестве между федеральным государственным бюджетным учреждением «Московский научно-исследовательский институт глазных болезней имени Гельмгольца» Министерства здравоохранения Российской Федерации и Научно-клиническим центром глазных болезней Государственного медицинского университета Туркменистана имени Мурада Гаррыева

**Федеральное государственное бюджетное учреждение «Московский научно-исследовательский институт глазных болезней имени Гельмгольца» Министерства здравоохранения Российской Федерации** (далее – МНИИ ГБ)

и **Научно-клинический центр глазных болезней Государственного медицинского университета Туркменистана имени Мурада Гаррыева,** (далее – НЦГБ), в дальнейшем именуемые Сторонами,

учитывая важность объединения взаимных усилий, направленных на решение проблем в области здравоохранения, которые представляют взаимный интерес,

желая способствовать дальнейшему продолжению развития между двумя странами сотрудничества в области здравоохранения и медицинской (фармацевтической) науки

согласились о нижеследующем:

### Статья 1

1. Принимая во внимание, что НЦГБ ведет активную научно-исследовательскую, учебно-методическую и лечебно-консультативную работу в области офтальмологии, а также учитывая, что МНИИ ГБ является ведущим российским офтальмологическим научным центром, имеет большой опыт проведения клинических, экспериментальных, клиниколабораторных и функциональных исследований, а также подготовки кадров в области высшего профессионального образования, Стороны пришли к пониманию о целесообразности сотрудничества в научно-исследовательской и образовательной сферах.

2. В своей деятельности стороны руководствуются общепризнанными принципами и нормами международного права, международными договорами, участниками которых являются Туркменистан и Российская Федерация и законодательством своих стран.

### Статья 2

1. Стороны в рамках законодательства своих государств осуществляют сотрудничество в рамках настоящего Соглашения на условиях равноправного партнерства и защиты интересов друг друга по следующим направлениям:

- разработка и реализация совместных исследовательских программ;
- проведение совместных научно-практических конференций и

симпозиумов;

- обмен информацией, материалами и публикациями по научным вопросам;

- осуществление иных взаимно согласованных форм сотрудничества.

2. Сотрудничество в рамках настоящего Соглашения не влечет финансовых обязательств Сторон.

**Статья 3**

1. Разногласия и споры, связанные с применением настоящего Соглашения, решаются Сторонами путем переговоров и консультаций.

2. По взаимному согласию Сторон в настоящее Соглашение могут быть внесены изменения и дополнения, которые оформляются отдельными протоколами и являются неотъемлемой частью настоящего Соглашения и вступают в силу в порядке, предусмотренном статьей 4 настоящего Соглашения.

3. В рамках настоящего Соглашения Стороны вправе заключать договоры на возмездной основе.

**Статья 4**

Настоящее Соглашение вступает в силу с момента подписания, действует в течение 5 (пяти) лет и автоматически продлевается на последующие пятилетние периоды, если ни одна из Сторон не заявит в письменной форме не позднее, чем за шесть месяцев до истечения очередного периода, о своем намерении прекратить его действие.

Совершено в городе Москве «6» мая 2019 года и г. Ашхабаде «6» мая 2019 года в двух подлинных экземплярах, каждый на туркменском и русском языках, причем оба текста имеют одинаковую силу.

| | |
|---|---|
| За федеральное государственное бюджетное учреждение «Московский научно-исследовательский институт глазных болезней имени Гельмгольца» Министерства здравоохранения Российской Федерации<br>Директор<br>ФГБУ «МНИИ ГБ им. Гельмгольца» Минздрава России<br>__________ В.В. Нероев | За Научно-клинический центр глазных болезней Государственного медицинского университета Туркменистана |

**Russiýa Federasiýasynyň Saglygy goraýyş ministrliginiň «Gelmgols adyndaky Moskwa göz keselleriniň ylmy-barlag instituty» federal döwlet býujet edarasy bilen Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Göz keselleri ylmy-kliniki merkeziniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda**
**YLALAŞYK**

Mundan beýläk Taraplar diýlip atlandyrylýan Russiýa Federasiýasynyň Saglygy goraýyş ministrliginiň «Gelmgols adyndaky Moskwa göz keselleriniň ylmy-barlag instituty» federal döwlet býujet edarasy (mundan beýläk – MGKYBI) we Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Göz keselleri ylmy-kliniki merkezi (mundan beýläk – GKYM),

Saglygy goraýyş babatda özara gyzyklanma bildirilýän meseleleri çözmeklige gönükdirilen özara tagallalaryň birikdirilmeginiň wajypdygyny göz öňünde tutup,

saglygy goraýyş ulgamynda we lukmançylyk (farmasewtiki) ylmynda iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň mundan beýläk hem dowam etdirilmegine ýardam etmegi isläp,

şu aşakdakylar barada ylalaşdylar:

## 1-nji madda

1. GKYM-yň oftalmologiýa ulgamynda ylmy-barlag, okuw-usulyýet we bejeriş-maslahat beriş işlerini işjeň alyp barýandygyny, şeýle hem MGKYBI-niň Russiýanyň öňdebaryjy oftalmologik ylmy merkezi bolup durýandygyny, onuň kliniki, tejribe, kliniki-laborator we funksional barlaglaryny geçirmekde, şeýle hem ýokary hünär bilim ulgamynda hünärmenleri taýýarlamakda uly tejribesiniň bardygyny göz öňünde tutup, Taraplar ylmy-barlag we bilim ulgamlarynda bu hyzmatdaşlyk etmegiň maksada laýykdygy barada düşünişmegi gazandylar.

2. Taraplar öz işlerinde halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerinden we kadalaryndan, Russiýa Federasiýasynyň we Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalaryndan we öz ýurtlarynyň kanunçylygyndan ugur alýarlar.

## 2-nji madda

1. Taraplar öz döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda şu Ylalaşygyň çäklerinde hyzmatdaşlygy deň hukukly hyzmatdaşlygyň we birek-biregiň bähbitlerini goramagyň şertlerinde şu aşakdaky ugurlar boýunça amala aşyrýarlar:

- bilelikdäki barlag maksatnamalaryny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek;
- bilelikdäki ylmy-amaly maslahatlary we simpoziumlary geçirmek;
- ylmy meseleler boýunça maglumatlary, materiallary we neşirleri alyşmak;
- hyzmatdaşlygyň beýleki özara ylalaşylan görnüşlerini amala aşyrmak.

2. Şu Ylalaşygyň çäklerindäki hyzmatdaşlyk Taraplaryň maliýe borçnamalarynyň ýüze çykmagyna getirmeýär.

## 3-nji madda

1. Şu Ylalaşygyň ulanylmagy bilen bagly çaprazlyklar we jedeller Taraplaryň arasynda gepleşikler we maslahatlar arkaly çözülýär.

2. Taraplaryň özara ylalaşmagy boýunça şu Ylalaşyga aýratyn teswirnamalar arkaly resmileşdirilýän, onuň aýrylmaz bölegi bolan we şu Ylalaşygyň 4-nji maddasynda göz öňüne tutulan tertipde güýje girýän üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip bilner.

3. Şu Ylalaşygyň çäklerinde Taraplar tölegli esasda şertnamalary baglaşmaga haklydyrlar.

## 4-nji madda

Şu Ylalaşyk gol çekilen pursadyndan güýje girýär, 5 (bäş) ýylyň dowamynda hereket edýär, eger Taraplaryň biri degişli döwrüň tamamlanmagyna çenli 6 (alty) aýdan gijä galman onuň hereketini bes etmek meýli hakynda ýazmaça görnüşde beýan etmese, ol soňky bäşýyllyk döwürlere öz-özünden uzalar.

Moskwa şäherinde 2019-njy ýylyň «6» maýynda we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 7-nji maýynda her biri rus we türkmen dillerinde iki asyl nusgada amal edildi, özi-de iki tekstiň birmeňzeş güýji bardyr.

**Russiýa Federasiýasynyň Saglygy goraýyş ministrliginiň «Gelmgols adyndaky Moskwa göz keselleriniň ylmy-barlag instituty» federal döwlet býujet edarasynyň adyndan**

**W.W.Neroýew**
**«Gelmgols adyndaky MGKYBI» FDBE-niň direktory**

**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Göz keselleri ylmy-kliniki merkeziniň adyndan**

**A.M.Orazalyýewa**
**Myrat Garryýew adyndaky TDLU GKYM-yň rektory**